*6-njy tema*: **Türkmen Türkçesinde çatı kategorisi** (Türkmen dilinde işligiň dereje kategoriýasy)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- ➢ dilden düşündirme;
- ➢ ýazuwdan beýanetme;
- ➢ sorag-jogap arkaly berkitme;
- ➢ shemaly we tablisaly düşündirme;
- ➢ tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ➢ ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- ➢ öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady", "akylly kompasy" "akylly şejeräni"** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

- Amangül Esenmedowa. HÄZIRKI ZAMAN TÜRKMEN DILI (MORFOLOGIÝA). Ýokary Okuw Mekdepleri Üçin Okuw Kitaby. Aşgabat-2010.

❖ **IŞLIK DEREJELERI** Işlik derejeleri hereketiň obýektiniň we subýektiniň gymyldynyň prosesi bilen gatnaşygyny görkezýän grammatik kategoriýadyr. Işlik derejeleriniň goşulmalary düýp işligiň manysyna täsir edip, hereketiň-gymyldynyň neneňsi halda bolandygyny aňladýarlar. Şeýlelikde, işiň ýerine ýetirilişiniň neneňsi ýagdaýda bolýandygyna garap, işlikleriň bölünişine işlik derejeleri diýilýär. Türkmen dilinde subýekt hem obýekt hereket bilen özara gatnaşyklaryny dürli hili guraýarlar. Ol gatnaşyk köpdürlüdir. 1. Hereketiň subýektiň özi üçin, öz ýerine ýetirmeginde bolup geçýändigini aňlatmak (Özlük dereje). 2. Hereketi-işi subýektiň özi ýerine ýetirýär (Düýp dereje). 3. Hereketi sözlemde eýe bolup gelen subýekti aňladýan düşünje ýerine ýetirmän, başga biriniň edýän hereketiniň täsiri oňa gaýdýar (Gaýdym dereje). 4. Gymyldyny ýerine ýetirýänleriň sanynyň birden köpdügini hem-de olaryň hereketi etmäge deň gatnaşýandyklaryny görkezýär (Şäriklik dereje). 5. Hereketiň başga birine ýüklenilýänligini bildirýär (Ýükletme dereje). Türkmen dilindäki işlik derejeleri morfologik ýol bilen, ýagny düýp işlikleriň soňuna dereje ýasaýjy goşulmalaryň goşulmagy bilen ýasalýar. Türkmen dilinde bäş sany işlik derejesi bellenilýär:

✓ **1. Işligiň düýp derejesi**
✓ **2. Işligiň şäriklik derejesi**
✓ **3. Işligiň ýükletme derejesi**
✓ **4. Işligiň özlük derejesi**
✓ **5. Işligiň gaýdym derejesi**

Meselem: ”geýmek” işligi geýmek, geýinilmek, geýindirilmek geýinmek, geýdirilmek, geýindirişmek geýilmek, geýdirişmek, geýdirişmek geýişmek, geýindirmek, geýdirtmek geýdirmek, geýişdirmek, geýdirtdirmek Şular ýaly görnüşlerde gelip, işlikler dereje ýasaýjy goşulmalar arkaly gymyldy–hereketiň kim tarapyndan, näme tarapyndan amala aşyrylandygyny aňladýarlar. Şunlukda, işlik derejeleri, bir tarapdan, işi grammatik subýektiň ýerine ýetirýändigini ýa-da başga biri tarapyndan ýerine ýetirilýändigini, herekete

gatnaşýan subýektleriň sanynyň birdigini ýa-da birden köpdügini we ş.m. ýagdaýlaryny görkezýär.

✓ Işlik derejeleri türkmen dil biliminde ýörite (B. Çaryýarow, Hazirki zaman türkmen dilinde işlik derejeleri. Aşgabat, 1978) öwrenildi. Işlik derejeleriniň düýp derejeden beýlekileriniň ýörite goşulmalary bar. Olar şol goşulmalar arkaly ýasalýarlar. Işlik derejeleriniň esasy aýratynlyklary:

✓ 1. Işlik derejelerini ýasaýjylar asyl hem ýasama işliklere goşulýarlar. Beýleki işlik kategoriýalarynyň goşulmalary belli bir tertipde dereje ýasaýjylaryň yzyndan goşulýarlar. Meselem: oka – t,(ş) işlik derejesiniň yzyna oka – d –ýar-yn, ýaz – yş – ýaz-yş (dyr,yn) – dy-m Dereje ýasaýjylar käte asyl sözüň içine siňip gidýärler. Olary asyl sözden aýyrmak-da bolmaýar. Olar, esasan, özlük we ýükletme derejeleriniň goşulmalarydyr. Meselem: Özlük dereje Ýükletme dereje gutulmak; gutarmak; owranmak; owratmak; öwrenmek; öwretmek; tükenmek; tüketmek; ...

✓ 2. Işlik derejeleriniň goşulmalary işlikleriň semantikasyna täsir edýärler. Olar, köplenç, geçirmeýän işlikleri geçirýäne, geçirýän işlikleri hem geçirmeýäne öwürýärler. Meselem: Ol gülýär (geçirmeýär) – ol meni güldürýär (geçirýän). Ýöne ol guş gorkdy – ýöne ol guş seni gorkuzdy. Maral saňa kitap berdi (geçirýän). Maral ähli güýji bilem okuwa berildi.

✓ 3. Işlik derejelerini ýasaýjy goşulmalaryň birnäçesi tirkeşip, bir işligiň yzyna goşulyp bilýärler. Olaryň goşulyp bilmegi ýa-da bilmezligi goşulýan sözüniň semantikasyna baglydyr. Meselem, 208 gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýandygyny görkezýän özlük derejesi geçirýän işikleriň hemmesinden ýasalyp bilmeýär. Sebäbi işlemek, okamak, içmek, iýmek hereketlerini subýekt öz üstünde ýerine ýetirip bilmeýär. Işlik derejeleriniň goşulmalary düzme işliklere hem goşulýar.

✓ **1. Esasy sözi isim bolan düzme işliklere**: Meselem: Ol özüne bellik edinipdi.

✓ **2. Esasy sözi işlikden bolan düzme işliklere**: onuň syry açylyp başlady. Olar baryp ýetişdiler.

✓ Umuman, işlik derejelerinde işi eýäniň (subýektiň) ýerine ýetirmegi (düýp dereje), birnäçesinde bolsa, başga biriniň etmegi göz öňünde tutulýar. Birnäçe işliklerde gymyldyny grammatiki taýdan eýe bolup gelen söz ýerine ýetirýär, emma şony öz üstünde ýa-da özi üçin

ýerine ýetirýär. Işi ýerine ýetirmekde gatnaşýan subýektleriň sany hem işlik derejelerinde birmeňzeş däldir.

❖ IŞLIGIŇ DÜÝP DEREJESI Hiç hili dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedik hemme asyl we ýasama işlikler düýp derejede diýlip kabul edilendir. Düýp derejedäki işlikler obýekte gatnaşygy boýunça geçirýän hem geçirmeýän işliklerdir. Meselem: ýygmak, okamak, tutmak, içmek we ş.m. Düýp dereje beýleki derejelerden tapawutlydyr. Ol leksik ýol bilen aňladylýar. Ony hasyl edýän dereje ýasaýjy goşulma ýok. Dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedik asyl, ýasama, goşma, düzme düýp işlikleriň ählisi düýp derejä degişlidir. Düýp derejeden aňlanylýan işi, gymyldyny sözlemiň grammatik eýesi ýerine ýetirýär. Işlikler eýäniň ýagdaýyny görkezýärler. Meselem: Aman kitap okaýar diýen sözlemde gelen ‖oka‖ geçirýän işliginiň düýp derejede bolup, eýe – ‖Aman‖ tarapyndan ýerine ýetirilişi kimin. Görnüşi ýaly, bu sözlemde hem işlik asyl manysynda subýektiň we obýektiň gymyldynyň prosesine bolan gatnaşygyny görkezip, hiç hili dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedi. Ol şol durşuna işlikleriň esasy, düýp derejesiniň hyzmatyny ýerine ýetirdi. Diýmek, olar düýp derejede jemlenýärler. Şonuň üçin-de galan işlik derejeleri goşulmalar arkaly düýp derejeden hasyl bolýarlar. Düýp derejedäki işlikler hut eýäniň özüniň ýerine ýetirýän işjeň gymyldysyny aňladýar. Şonuň üçin eýe habara baglanyp, hereketiň, işiň ýüze çykmagyna işjeň gatnaşýar. Dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmedik asyl we ýasama işlikler, sada we goşma işlikleriň hemmesi-de düýp derejä degişlidir. Mysal üçin, asyl sada hasaplanylýan al, oka ber, goý geçirýän işlikler- dir, ýat, tur, uç, git, gel, gül geçirmeýän işliklerdir. ýasama sada işlikler agza, ota, bagla geçirýän işliklerdir, derle, çaňa, agar geçirmeýän işliklerdir. goşma işlikler garaşybildi, gidiberýär, düzme işlikler gaýgy et, kömek et, tankyt et geçirýan işlik; gahar et, jede el, hüjüm et geçirmeýän işliklerdir. Düýp derejedäki işlikler arkaly aňladylýan işiň gymyldynyň öz obýekti bilen gatnaşygy iki hili bolýar. 1. Geçirýän işlikler iki taraply gatnaşygy aňladýar. Bu işlikler arkaly aňladylýan işi, gymyldyny eýe ýerine ýetirýär, onuň täsiri ýeňiş düşümde gelen göni obýekte geçýär. Şonuň üçin, işligiň hem subýektiň we işligiň hem obýektiň arasyndaky gatnaşyk ýüze çykýar. Meselem: Baky kitap okaýar. Ol mellegi suwarýar ýaly sözlemlerde gelen ‖okaýar, suwarýar‖ diýen işlikleriň bir tarapdan, işi ýerine ýetiriji (Baky, ol) bilen gatnaşygy bar, ikinji tarapdan, bu işlikleriň täsirini geçirýän göni obýektler ‖mellek, kitap‖ sözleri bilen gatnaşygy bar. 2.

Geçirmeýän işlikler bir taraplaýyn gatnaşygy aňladýar. Sebäbi işiň netijesini geçirmeýän işliklerde göni obýekt bolmaýanlygy sebäpli, olaryň gatnaşygy diňe subýektleri (eýe) bilen bolýar. Meselem: Jahan birden tisginip gorkdy. Baky giç ýatdy. Bu sözlemde ‖gorkdy, ýatdy‖ sözleri diňe hereketi ýerine ýetiren subýekt bilen gatnaşykda bolandygyny aňlatdy.

❖ **IŞLIGIŇ BILELIK-ŞÄRIKLIK DEREJESI** Işligiň bilelik-şäriklik derejesi morfologik ýol bilen hasyl bolýar. Bilelik-şäriklik dereje -yş/-iş/-uş/-üş/-ş goşulmasy arkaly, esasan, geçirýän işliklerden hasyl bolýar. (Bu köpmanyly goşulma türkmen dilinde iş atlaryny (baryş, geliş, çykyş) hem hereketiň geçiş tärini aňladýan işlik (siňişmek, köşeşmek, diňişmek) ýasaýar). Işligiň bilelikşäriklik derejesi bir işiň birine kömek bermek üçin edilendigini, bir işi ýerine ýetirmegi birnäçe subýektiň bilelikde, şäriklikde hasyl edýändigini aňladýar. Olar, esasan, dereje ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen, morfologok ýol bilen ýasalýarlar. Şeýlelikde, olaryň özlerine mahsus şekili bar. Bilelik-şäriklik derejäniň goşulmalary sözlere goşulanda asyl we ýasama sözler, bir bogunly hem-de köp bogunly sözler, sözüň düzümindäki çekimlileriň görnüşleri hem-de sözüň soňunyň çekimlä ýa-da çekimsize gutarýandygy bilen baglylykda birnäçe –nyş/-niş, -lyş/-liş ýaly görnüşlere eýe bolýar diýlip, käbir işlerde görkezilipdir. Şäriklik derejesiniň goşulmasy –la/-le işlik ýasaýjy goşulma bilen birleşip –laş/-leş şekilindäki çylşyrymly goşulmany hasyl edýär we şol bitewi goşulma bilen ýasalan işlikler köplenç bilelik-şäriklik derejesiniň manysyny aňladýar. Meselem: maslahatlaşýar, kejeleşdi, joralar salamlaşdylar. Bilelik-şäriklik derejesiniň aňladýan manylary Işlikleriň bu derejesiniň manysy, esasan, iki hili ýüze çykýar.

❖ 1. Bilelik-şäriklik derejedäki işlikler iki ýa-da ondan köp subýektiň arasynda bolýan we şonuň bilen birlikde, köplenç, subýektleriň biri-birine täsirini bildirýän gymyldy-hereketi aňladýar. Olar biri-birine täsir etmek bilen hereketi ýüze çykarýarlar. Şeýlelikde, olar şol işlikleriň obýekti hem bolup gelýär. Subýektleriň biri beýlekisine kömek edýär. Grammatik taýdan eýe bolan subýekt işi ýerine ýetirmekde kömekçi hökmünde gatnaşýar. Şol işi-hereketi subýekt beýleki subýektiň peýdasy üçin edýär. Meselem: Maral doganyna tam süpürişdi, ýygnaşdy. Men ejeme pagta ýygyşdym. Ol dostuna ýer sürüşdi.

❖ 2. Şäriklik derejesindäki işlikleriň bir topary iki ýa-da birnäçe subýektiň bilelikde köplenç bir wagtda ýerine ýetirýän işini görkezýärler. Şu manydaky işlikleriň obýektleri hereketi bilen

gatnaşýarlar. Emma olaryň gymyldysynyň täsiri biribirinden geçmeýär, ýagny subýektler şol gymyldynyň obýekti bolmaýarlar. Meselem: Goýunlar mäleşýärler. Adamlar bagda gezmeleşýärler. Aýlawda at çapyşjaklar nyrh üstünde çekeleşýärdiler. Bilelik-şäriklik derejäniň hyzmaty 1. Bir işiň., gymyldy-hereketiň şol işi ýerine ýetirýäniň özi üçin edilmän, kim-de bolsa birine kömek bermek üçin edilýändigini aňladýar. Meselem: Akja ejesine haly dokaşdy. 2. Gymyldy-hereketiň birnäçe subýektiň gatnaşmagy bilen şäriklikde edilýändigini aňladýar. Meselem: Kerim Ata bilen top oýnaşdy. 3. Bilelik-şäriklik derejesindäki işlikler subýektleriň güýç synanyşmagy, jedel etmegi, dawalaşmagy netijesinde ýüze çykýan hereketini hem görkezýär. Meselem: Guşlar uçuşdylar, atlar çapyşdylar. Eger-de hereketi ýerine ýetirýän subýektler birmeňzeş sözden bolsa, onda olaryň biri hem ulanyp biler. Meselem: Goýun örüşdi. At depişdi. Eger hereketi ýerine ýetirýän aýry-aýry subýektler bolsa, onda olaryň biri baş düşümde getirilip, ikinjisi bilen sözsoňy kömekçili ulanylýar. Meselem: Batyr Kemal bilen ylgaşdy. Ol dosty bilen göreşdi. Işlikleriň bilelik-şäriklik derejesindäki subýektler birnäçedir. Şonuň üçin şäriklik derejesindäki işlikleriň subýektleri käte deň hukukly eýelerdir. Şäriklik dereje şu goşulmalardan hem aňlanylýar: -lyş/-liş (-yl+yş,-il+iş) bu, köplenç, bir bogunly sözlere goşulýan çylşyrymly goşulmadyr: barlyş, gyr-lyş,dak-lyş, tutluş, üz-lüş, çat-lyş... -nyş/-niş (yn+yş,-in+iş) bir bogunly sözlere goşulýar: dyk-nyşmak, çak-nyş-mak. Işligiň şäriklik derejesi, esasan, morfologik ýol bilen hasyl bolýar. Onuň leksik, sintaktik ýol bilen hasyl bolşy hem bar. Türkmen dilinde sözleriň many tarapynyň has ösenligi bilen bagly işligiň şäriklik derejesi leksik we sintaktik ýollar bilen-de aňladylyp bilner. 1. Leksik ýol bilen bilelik-şäriklik derejesiniň aňladylyşy sözüň köpmanylygyndan, ýagny sözüň hut öz manysy bilen baglylykda ýüze çykýar. Meselem: göreş, geňeş, söweş, uruş, ýaryş ýaly sözler hem at, hem işlik manysynda bolup bilýär. Bu hili sözler işliklik manysynda ulanylanda, dereje ýasaýjy goşulmalary kabul etmezden, şäriklik derejesiniň manysyny aňladýar we onuň hyzmatyny ýerine ýetirýär. Meselem: Baky Kerwen bilen ýaryşdy (işlik). Ýaryş başlandy (at). pälwanlar göreşdiler. Esgerler söweşýärler. 2. Bilelik-şäriklik derejäniň sintaktik ýol bilen aňladylyşy Türkmen dilinde sözler söz düzümlerine, sözlemlere birigende, many taýdan has anyklaşýarlar. Mundan başga-da, sözler baglanyşmak bilen ýekelikde ulanylanlarynda eýe bolmadyk manylaryny hem aňladyp bilýärler. Beýle manylary belli bir galypa salyp öwrenmek-de, sanap çykmak-da mümkin däl. Işligiň şäriklik derejesi-de söz

birikmelerinden, söz düzümlerinden hem aňlanylýar. Oňa şäriklik derejäniň sintaktik ýol bilen aňladylyşy diýilýär. Diýmek, sintaktik ýol bilen bilelik-şäriklik derejesi aňladylanda birden artyk söz arkaly hasyl edilýär. Sözlemde biri-birine, biri-biri bilen, biribirinden ýaly söz düzümleri işlik bilen baglanyşyp, iki taraplaýyn edilýän hereketi aňladýar. Şeýle ýagdaýlarda şol işlikler dereje ýasaýjy goşulmalar goşulmanda-da, bilelikşäriklik derejesiniň manysyny aňladýar. Bular sintaktik ýol bilen aňladylan derejeleriň üstesine, käte goşmaça goşulmany hem kabul edip biler. Meselem: Olar biri-birine seredýärdiler. Olar biri-birine seredişýärdiler. Düzme işlikler käte iki taraplaýyn hereketi aňladyp şäriklik derejesiniň manysynda we hyzmatynda gelip bilýärler. Meselem: Çagalar gürrüň etdiler. Dostlar jedel edýärler. gürrüň etmek, wada etmek, duş gelmek, duş bolmak, jedel etmek, duş etmek. Şäriklik derejesiniň aňladýan manylary Işligiň şäriklik derejesiniň manysy, esasy, iki hili ýüze çykýar: 1. Işlikler iki ýa-da birnäçe subýekt arasynda bolýan hereketi we şonuň bilen birlikde, köplenç, subýektleriň biri-birine täsirini bildirýär. Olar biri-birine täsir etmek bilen hereketi ýüze çykarýarlar. Şeýlelikde, olar şol işlikleriň obýekti hem bolup gelýärler. Meselem: Olar biri-biri bilen gujaklaşdylar. Soňra hormat bilen saglyk-amanlyk soraşdylar. 2. Şäriklik derejedäki işlikleriň bir topary iki ýa birnäçe subýektiň bilelikde, köplenç bir wagtda ýerine ýetirýän işini görkezýärler. Şu manyda gelýän işlikleriň obýektleri herekete bile gatnaşýarlar, emma olaryň gymyldysynyň täsiri biri-birine geçmeýär, ýagny sybýektler şol gymyldynyň obýekti bolmaýar. Meselem: Enteşip ýören itler üýrüşýärler, goýunlar mäleşýärler. Adamlar seýil bagynda gezmeleşýärler. Işligiň şäriklik derejesinde gelen subýektleriň birnäçedigi jedelsizdir. Şonuň üçin hem işligiň şäriklik derejesindäki işlikleriň subýektleriniň käte deň hukukly eýe bolmagy, köplenç halatda olaryň biriniň eýe, beýlekisiniň doldurgyç bolmagy häsiýetlidir. Meselem: Gaýyndyr giýew ýygy-ýygydan duşuşýardylar, maslahatlaşýardylar (G.Kulyýew, ‖Emiriň ilçisi‖, 19 s.). Haýdar aga bilen olar ýekeme-ýeke görüşdi. (şol ýerde) diýen sözlemlerdäki ‖gaýyndyr giýew‖ hem ‖Haýdar aga we olar‖ diýen sözleriň deňdeş eýe bolup gelşi kimin. Ol meniň bilen sögüşdi, şol sebäpli kakasy ony urýar..(A. Durdyýew, Saýlanan eserler, 70. s.) diýen sözlemde ‖ol‖ – eýe, ‖meniň bilen‖ doldurgyç bolup gelşini mysal almak bolar. Şeýlelikde, şäriklik derejedäki işlikleriň subýektleri dürli-dürli görnüşde bolup, esasan, deňdeş eýe hökmünde işi ýerine ýetirmäge deň derejede gatnaşýarlar. Olar bu ýagdaýda baglaýjyly hem baglaýjysyz

baglanyşýarlar. Baglaýjyly baglanyşyk bilen, bile, hem, we, -da/-de kömekçiler arkaly bolýar. Meselem: Wepa bilen Gurban gadyrly görüşdi. Akja we Aýjemal haly dokaşdylar. Baglaýjysyz baglanyşyk intonasiýanyň üsti bilen amala aşyrylýar. (Muňa dil biliminde ‖asindeton‖ diýilýär). Meselem: Aýallar, çagalar, gyzlar ylgaşyp gitdiler. Gönükme. Doly morfologik derňew ediň. Degişseňem oỳlanyp degiş. Göz agyry yrandyr, köne dona bűrendir. Goỳun bakyşyma seretme, hak alşyma seret. Agaç aỳran bir paỳ, hähini beren iki paỳ. Gorkan öňűrder. Gorkmasa sylamasyn. Gorkmadyk gorkuzar. Gördűň, dostuň ỳűzi hoş, otur-da turuş, gördűň, dostuň ỳűzi turşy, ne oturyş-da ne turuş. Şäriklik derejesiniň beýleki dereje ýasaýjylar bilen ulanylyşy Goşulmalaryň arasynda asyl we dereje ýasaýjy goşulmalar bir söze birnäçesiniň tirkeşdirilip goşulmagynyň mümkinligi bilen tapawutlanýarlar. Bu aýratynlyga eýe bolan şäriklik derejäniň goşulmasy-da özünden öň bir dereje goşulmasyny kabul eden işliklere-de, iki dereje goşulmasyny kabul eden işliklere-de goşulyp gelýär. 1. Özlük – şäriklik. Bu goşulma özlük derejesindäki işliklere goşulanda, many taýyndan iki ýa köp subýektiň ýerine ýetirýän gymyldy-hereketini aňladýarlar we şolara degişli ýagdaýy görkezýär. Ol işliklerde özlük derejesiniň hem manysy duýulýar. Meselem: Pälwanlar gabarylyşyp, öýüň daştöwereginde aýlanyşyp ýördüler. 2. Ýükletme - şäriklik. Bu hili ýasalyş seýrek gabat gelýär. Ýükletme derejesini kabul eden işliklere –yş/-iş/-uş/-üş/- ş goşulanda, käte şäriklik derejesi ýasalýar. Köplenç bolsa iş atlary hasyl bolýar. Meselem: Olar biri-birine duýduryşyp ýetişmediler. Atlybaşy nökerlerin türgenleşdirip, naýza zyňdyryşyp, gylyç çaldyryşyp, taýak atdyryşyp görerdi. 3. Gaýdym-şäriklik. Bu hem ýükletme derejesindäki ýaly örän seýrek duşýar. Meselem: Serhoşlar süsdürilişip geçip gitdiler. Gojaman sazaklar, çerkezler hol beýlede düňderilişip ýatyrdy. 4. Özlük-ýükletme-şäriklik. Bular tirkeşip gelende hem şäriklik aňlanylýar. Ol gaty seýrek duşýar. Meselem: Olar dumly-duşy oýandyryşyp baryşlaryna, biri-birini begendirişýärdiler. 5. Şäriklik-ýükletme-şäriklik. Bu derejeleriň hem tirkeşip gelşi seýrekdir. Meselem: Olar goşlaryny birleşdirişip maşgala boldular. Okuwçylaryň ýazan düzmelerini mugallymlar barlaşdyryşyp otyr.

❖ **IŞLIGIŇ ÝÜKLETME DEREJESI** Işligiň ýükletme derejesi düýp işligiň yzyna –dyr/-dir/- dur/-dür, -t goşulmalarynyň goşulmagy bilen ýasalýar. Many taýdan bolsa gymyldy-hereketiň subýektiň özi tarapyndan ýerine ýetirilmän, onuň tabşyrmagy, buýurmagy, haýyş etmegi we ş.m. boýunça başga birine etdirilýänligi aňladylýar.

Ýükletme derejesiniň hakyky manysy, esasan, diňe geçirýän işliklerden ýasalýar. Meselem: Gör. - Ol bize haýwanat bagyny görkezdi. Oka, ýaz, çek - Ol bizi okatdy, ýazdyrdy, surat çekdirdi. Eger işlik täsirini geçirmeýän işliklerden bolsa, onda şol işlige ilki bilen geçirmeýän işligi geçirýän işlige öwürýän goşulmalar goşulyp, şondan soň ýükletme derejesi ýasalyp biler. Meselem: Ol tamyny agartdy – nämäni ? Ol tamyny ussa agartdyrdy – kime? düş-düşür, düşürtdi, çyk (geçirmeýän)- çykar (geçirýäne öwrüldi), çykartdy (ýükletme). Diýmek, işlikleriň ýükletme derejesi esasan obýekt bilen baglanyşyp bilýän işliklerden ýasalýar hem-de gymyldyhereketiň subýektiň tabşyrmagy, haýyş etmegi, buýurmagy boýunça başga birine etdirilýändigini aňladýar. Işligiň ýükletme derejesiniň ýasalyşy giňdir. Olar birnäçe görnüşdäki ýasaýjylaryň üsti bilen hasyl bolýarlar. Işligiň ýükletme derejesi işiň täsirini geçirýän işliklere goşulýar. Ýükletme derejäniň goşulmasyny kabul eden işlik gymyldy-hereketiň eýäniň tabşyrmagy, buýurmagy ýa-da islegi boýunça ýerine ýetirilýändigini aňladýar. Şunlukda, eýäniň tabşyrmagy, buýurmagy ýa-da islegi boýunça başga biri tarapyndan ýerine ýetirilýändigi goşulmalar arkaly aňladylýan işliklere işligiň ýükletme derejesindäki işlik diýilýär. Meselem: Serdar kitap okady – subýekt, Serdar kitap okatdy (oňa), Baky oglanlara kitaby okatdyrdy. Baky kitaby okatdyrtdy diýen sözlemlerde gelen ―okamak‖ işligi işligiň ýükletme derejesini ýasaýjy goşulmalary kabul edip, hereketiň eýe tarapyndan edilmän, şonuň tabşyrygy boýunça başga biri ýa-da birnäçe adamlar tarapyndan ýerine ýetirilendigini aňlatdy. Işligiň ýükletme derejesindäki hereketi ýerine ýetiren şahsy anyklamak üçin kime? kimi? diýen soragy bermek bolar. Meselem: Ýahýa han dessine peç ýakdyrdy, çaý getirtdi. (kime?- oňa, (G.Kulyýew, ―E. i.‖ 47 s.). Ol meni ýanynda oturtdy-da söz açdy (kimi? –meni, şol ýerde, 56 s). Işligiň ýükletme derejesi morfologik ýol bilen şu goşulmalar arkaly hasyl bolýar: 1. –dyr/-dir/-dur/-dür geçirýän işliklere goşulyp, örän işjeň ulanylýar. Bu goşulmalar ahyry çekimsiz ses bilen gutaran bir bogunly we köp bogunly işliklere goşulýar. Ýöne olar ‖l‖, r‖ seslerine gutaranlara goşulmaýar. Ýöne käte: aýyr-dyr, irkil-dir, äkel-dir ýaly goşulýar. Meselem: dak-dyr, bil-dir, soý-dur, güldür, seret-dir, azaş-dyr... -dur/-dür dodak çekimlili bir bogunly işliklere goşulýar: söydür, bol-dur -dyr/-dir goşulmasy –tyr/-tir goşulmasyndan gelip çykan hasaplanylýar. Sebäbi köne ýazuw ýadygärliklerinde ol –tyr/-tir görnüşinde duşýar. Meselem: Mahyzar geltürdi, köb söz söýledi (D.A. 38 s.). Geledir ähli – sünni bastyryban (A.K. ‖j‖ 52 s). Galyberse-de, ‖oturmak, getirmek

‖ sözlerinde ‖-tyr /– tir‖ saklanypdyr. 2. ‖-t‖ goşulmasy geçirýän işliklere işjeň goşulýar. Ol soňy çekimli sese gutaran köp bogunly sözlere-de, ‖l, r‖ sesleri bilen gutaran sözlere hem goşulýar. Meselem: oka-t, uzal-t, oňla-t, daral-t, boşa–t, düzel- t , owkala-t, serrel-t, süpür-t Artyk şol sekuntda olara bakan Aşyry ugratdy. (B.K ‖A.ä‖ 190 s.). 3. –yt önümsiz goşulma: ak-yt, bek(e)-it ... Işligiň ýükletme derejesiniň aňladýan manylary. Işligiň ýükletme derejesinde gymyldy-hereketi subýektiň özi ýerine ýetirmeýär. Onuň buýurmagy, tabşyrygy, haýyşy boýunça işi başga biri, başga subýekt ýerine ýetirýär. 218 Şeýlelikde, ýükletme derejedäki işligiň iki subýekti bolup. ol subýektleriň biri beýlekisine garaşlydyr. Olaryň biri gymyldynyň sebäpkäri bolsa, ikinjisi şol hereketi amala aşyrýar. Meselem: Atasy Kerwene hat ýazdyrdy diýen sözlemde eýäniň buýrugy boýunça ―Kerwen‖ hereketi ýerine ýetirdi. 1. Geçirmeýän işliklere ýükletme derejesiniň goşulmalary goşulanda, olar işiň netijesini geçirýän işliklere öwrülýärler, şonuň üçin hem subýektiň işe bolan gatnaşygy üýtgeýär. Meselem: Aman öýkeledi. Aman Beglini öýkeletdi diýen sözlemde gelen ―öýkelemek‖ geçirmeýän işligi arkaly aňlanylýan hereketi eýe - Aman ýerine ýetirýär. Emma ikinji sözlemdäki işlige ýükletme dereje ýasaýjy goşulma goşulyp, geçirmeýän işligi geçirýän işlige öwürdi. Şeýlelikde, hereketi ýeňiş düşümdäki söz ýerine ýetirdi. Eye bolsa oňa diňe sebäp boldy. Meselem: Garrynyň bu sözlerini mugallym doktora düşündirdi. (A.D. 266 s.) Senem ony tüpeň bilen ürküzd. (şol ýerde, 12 s). 2. Ýükletme derejesiniň goşulmalary geçirýän işliklere goşulanda, olar ýene geçirýän işlikleri hasyl edýär hem-de subýektiň herekete bolan gatnaşygy üýtgeýär. Meselem: Ene dessine peç ýakdy, çaý getirdi. Ýahýa han dessine peç ýakdyrdy, çaý getirtdi. (G.K., ―E. i.‟ 47 s ). Bu sözlemleriň birinjisinde eýäniň özi hereketi gönüden-göni ýerine ýetirdi, ikinjisinde bolsa ýöneliş düşümiň soragyna jogap bolýan obýekte hereketi tabşyrdy. Obýekt bolup gelen düşünje gymyldynyň hem obýekti hem subýekti bolmaga ukyply-işjeň obýekt bolsa, onda ýükletme derejesi ýasalyp biler. Eger obýekt bolup gelen düşünje gymyldynyň diňe obýekti bolmaga ukyply bolup, subýekti bolup bilmese – passiw obýekt bolsa, onda ýükletme derejesi ýasalman, ýöne işiň netijesini geçirýän işlik manysynda ulanylýar. Meselem: Okuwçylar ýaş nahallary oturtdylar diýen sözlemde ―oturtdylar‖ işliginden aňlanylýan manyda ýükletme derejesiniň goşulmasy bolsa-da, ol hereketi subýektiň özi ýerine ýetirdi. Şonuň üçin hem -t goşulmasy işligiň ýükletme derejesini ýasamady-da, geçirmeýän işlikden täsirini geçirýän işlik ýasady. Bu

işi özbaşdak ýerine ýetirip bilmeýän —nahallary‖ sözi passiw obýekt bolandygy üçin, işi eýe ýerine ýetirdi. Gymyldynyň obýekti passiw bolanda, hatda ýükletme derejäniň goşulmasy yzly-yzyna goşulsa hem, işlikler hakyky ýükletme derejäniň manysyny berip bilmeýär. Meselem: “Men şu dutara at we ýaragyň bitirjek işini bitirdip bilerinmi ýa-da ýok. (N.S. —Ş.b‖ 237 s) munda —dutar‖ sözi gymyldyny etmeli bolýar. Emma ol işi buýurmak bilen edip bilmeýär. Ony hökmany suratda kimdir biri çalmaly bolýar. Diýmek, hereketi eýäniň hut özi ýerine ýetirýär. Eger gymyldynyň obýekti işjeň bolsa, onda dereje goşulmalaryny kabul edenlerinden soň, ýükletme derejäniň manysyny aňladýarlar. Meselem: Ol çagalara göreş tutdurdy. Ol myhmanlara höwes bilen minnetdarlyk bildirdi we olara toý paýyny berdirdi. Işligiň ýükletme derejesi beýleki dereje ýasaýjylar bilen tirkeşip gelip bilýär. 1.Özlük-ýükletme: gurplandyrmak, gazaplandyrmak. 2.Şäriklik-ýükletme: barlyşdyrmak, gujaklaşdyrmak. 3.Özlük-şäriklik-ýükletme: öwrenişdirdi, baglanyşdyrdy... Gönükme: Ýükletme derejesiniň nähili işliklerden ýasalandygyny düşündirmeli. Guwandyrýardy, galkyndyrýardy, börtdürdi, güldürdi, duýdurdym, köşetmäge, urdurman, çykarman, ýöredip, agdaryşdyrdy, dänderip, galdyrmalydy, saldyrardym, duýdurypdym, degşip-gülşüp, turuzdym, çökerip, aldyryp, dolandyrmalymyş, açdyrmaly, getirdeýin, saklatdy, oturdy, boşatdyrdyk. Atlyny agdaryp, düýelini dönderen. Aja gazan asdyrma, üşäne ot ýakdyrma.

❖ **IŞLIGIŇ GAÝDYM DEREJESI** Asyl we ýasama düýp işlikleriň soňuna -yl/-il/-ul/-ül/-l, – yn/-in/-un/-ün/-n dereje ýasaýjy goşulmalaryň goşulmagy arkaly işligiň gaýdym derejesi ýasalýar. Diýmek, işligiň gaýdym derejesi, esasan, morfologik ýol bilen ýasalýar. Munuň esasy goşulmasy –yl/-il/-ul/-ül/-l bolup, manysy taýdan gymyldy-hereketiň köpçüligiň bähbidi üçin edilip, hereketiň netijesiniň bolsa ýene-de şol köpçülige, umumylyga gaýdyp gelýändigini görkezýär. Meselem: Daýhanlar üçin pul karz berildi. Täze ýerler açyldy. Munda hereket umumy bähbit üçin ýerine ýetirilýär. Gaýdym derejede ýerine ýetirilýän hereketiň subýekti belli bolmaýar. Eger subýekti getirmek zerur bolsa ol tarapyndan diýen sözsoňy bilen doldurgyç şekilinde sözleme goşulýar, subýekt eýe bolup bilenok. Meselem: Mekdep üçin saz gurallary alyndy. Tomsuna daşarda ýatylýar. Işligiň gaýdym derejesinde edilýän gymyldy-hereket eýe dogrusynda alnyp barylýar, ýagny munda edilýän herekete sözlemiň subýekti gatnaşmaýar, ýöne ýüze çykýan hereketi eýe üçin kimdir biri ýerine ýetirýär. Şol sebäpli-de gaýdym derejeden aňlanylýan işi ýa-da gymyldyny ýerine ýetirýän

subýekti anyklamak zerur bolsa, onda işlige – kim tarapyndan? diýen soragy bermek bolýar. Meselem: Güýz aýlarynda pagta ýygylýar. Pagta meýilnamasy ýerine ýetirildi diýen sözlemleriň her birine kim tarapyndan? diýen soraglary bersek, onda olarda ―daýhanlar, pagtaçylar, adamlar‖ ýaly sözleriň hereketi ýüze çykarandygyny bilmek bolýar. Şol soraga jogap bolýan söz habary gaýdym derejedäki işlikden bolan sözlemde, köplenç, bolmaýar. Emma käte şol hereketi ýüze çykarýan subýekt görkezilmeli bolanda, onda ol söz ‖tarapyndan‖ sözi bilen getirilýär. Meselem: Arza seniň goňşyň Jumaýew tarapyndan ýazylypdyr diýip, komandir onuň gözüne dikanlap seretdi. Şunlukda, gaýdym derejesini hasyl etmäge gatnaşýan dereje ýasaýjylar subýektsiz sözlemleri hasyl edýärler. Işligiň gaýdym derejesini ýasamaga şu goşulmalar gatnaşýarlar: -yl/-il/-ul/-ül/-l; -yn/-in/-un/-ün/-n; -yl/-il: - soňy ‗l‘ çekimsiz sesine gutarmadyk bir we köp bogunly, dodak çekimlisi bolmadyk işliklere goşulýar: Agdar-yl, bejer-il, aýd-yl, berkid-il, at- yl, geý- il, gyrk-yl,giriz-il,sanj-yl, kert-il -ul/-ül: - düzüminde dodak çekimlisi bolan bir bogunly işliklere goşulýar: or-ul, döw-ül,guý- ul, dök- ül, ýon-ul, düw-ül -l : - düzüminde ‖l‖ sesi bolmadyk hem soňy çekimli sese gutarýan işlige goşulýar: agza-l, göze-l, gunda- l, çeýne-l, daşa-l, üwre-l, gura-l, ide-l -yn/-in: - soň ‗l‘ sesine gutaran bir bogunly işlikleriň yzyna goşulýar: gel-in, al-yn, , sal- yn -un/-ün: - düzüminde dodak çekimlisi bolan işliklere goşulýar: ýolun, sür-ün, gur-un, söý- ün, or-un, gör-ün - n: - goşulmasy, köplenç, soňy çekimli sese gutaryp, ahyrky bogunda ‘l‘ sesi bolan işliklere goşulýar: gaýtala-n, belle-n, dyzarla-n, depele-n, ogurla-n, eýle- n, ekle-n Gaýdym derejesiniň aňladýan manylary Işligiň gaýdym derejesinde hereketi grammatik eýe ýerine ýetirmeýär. Şol sebäpli-de töwerekden edilen hereket, gymyldy eýäniň üstüne düşýär. Munuň özi bolsa sözlemde iki subýektli konstruksiýany emele getirýär. Olaryň birinjisi sözlemde grammatik taýdan eýe bolsa, beýlekisi doldurgyç bolýar. Şol grammatiki obýekt (doldurgyç) hem işi ýerine ýetiriji bolýar, ýagny ol gymyldynyň subýekti bolýar. Grammatiki eýe bolsa gymyldyny logiki taýdan ýerine ýetirmeýär, eýsem gymyldyny ýerine ýetirýäniň işiniň täsiri oňa gaýdýar, ol bolsa logiki taýdan obýekt bolup gelýär. Munuň tersine, logiki subýekt bolup gelen söz grammatiki taýdan baş düşümden beýleki düşümleriň birinde gelýänligi sebäpli, grammatiki taýdan obýekt hasaplanýar. Şunlukda, işligiň gaýdym derejesinde subýekt we obýekt biri-birine gapma-garşy bolýarlar. Meselem: ol ses Artyga bir hili geň eşidildi diýen sözlemde ‖ses‖ sözi ‖eşidildi‖ hereketini, gymyldyny ýerine

ýetirip bilmeýär. Şonuň üçin hem ol iş grammatik taýdan doldurgyç bolup gelen ―Artygal‖ degişlidir. Diýmek, edilen hereket gaýdym derejesinde bolýar. Gaýdym derejedäki işlikleriň logiki subýekti sözlemiň manysyndan belli bolýar. Käbir ýagdaýlarda bolsa onuň sözlem içinde getirilmegi hem zerur bolmaýar. Sebäbi logiki subýektiň bolmagy ýa bolmazlygy sözlemiň many aňladyşyna täsir etmeýär. Meselem: Haly dokaldy. Ýygnak geçirildi. Halyçylar tarapyndan äpet haly dokaldy. Işligiň gaýdym derejesi diňe täsirini geçirýän işliklerden hasyl bolýar. Gaýdym derejäni ýasaýjylar işiň täsirini geçirmeýän işliklere goşulanda, dereje ýasamaýarlar, çünki bu ýagdaýda subýekt bilen gymyldynyň arasyndaky gatnaşyk ýitýär. Sözlemde eýe bolmaýar, şonuň üçin bulara subýektsiz işlikler diýilýär. Subýektsiz işlikler umuman bolýan gymyldyny bildirýärler, ol hereket işi ýerine ýetirýäniň islegine bagly bolmadyk ýagdaýda ýüze çykýar. Subýektsiz işlikleriň aňladýan gymyldysy-da kim-de bolsa birine degişli bolýar, köplenç ýagdaýda bolsa sözleýjiniň özi bilen baglanyşyklydyr. Meselem: Öýde bolnaýsa gowy görýärin. Irginsiz gezilýär, içilýär diýäýme. Işiň netijesini geçirmeýän işlikler degişli goşulmany kabul edip, işiň täsirini geçirýäne öwrülip biler, onda olar gaýdym derejesini ýasap bilmeýärler. Ol goşma işliklerde ýüze çykýar. Meselem: Indi bizde işler guramaçylykly alnyp barylýar. Bizde gazet-žurnallar okalyp durulýar. Işligiň gaýdym derejesiniň goşulmalary düzme, tirkeş, goşma işlikleriň birine ýa-da ikisine-de goşulyp gelip bilýär. Meselem: kömek edildi, iýlip-içildi, görülibildi...

❖ **IŞLIGIŇ ÖZLÜK DEREJESI** Işligiň özlük derejesi düýp işlikleriň yzyna: 1. –yn/-in/-un/-ün/-n goşulmanyň 2. –yl/-il/-ul/-ül/-l goşulmanyň goşulmagy bilen ýasalýar. Işligiň özlük derejesi aňladýan manysyna görä hem-de gurluşyna görä, iki topara bölünýär. I. Gymyldy-hereketiň subýektiň öz üstünde bolup geçýändigini aňladýan doldurgyçsyz (obýektsiz) özlük dereje. Işligiň özlük derejesiniň bu görnüşi geçirýän we geçirmeýän işliklere özlük derejesiniň goşulmasy goşulyp ýasalýar. Şonda özlük derejedäki işlikleriň täsiri başga bir zada gönükdirilmän, sözlemiň eýesiniň-subýektiň özünde galýar. Sebäbi, şu topara degişli özlük derejäni ýasaýan goşulmalar geçirýän ýşligiň yzyna goşulanda, geçirýän işligi geçirmeýän işlige öwürýär. Şol sebäpli, bu işliklere ýeňiş düşümdäki söz baglanyp bilmeýär. Şeýle ýasalan işligiň özlük derejesinde ýeňiş düşümdäki doldurgyç bolmaýar. Meselem: At silkindi. Adam kakyndy. Bu hili özlük dereje many taýdan 1. gymyldy-hereketiň subýektiň öz üstünde bolup geçýändigini, 2. şol hereketiň subýektiň özi tarapyndan

ýerine ýetirilýändigini aňladýar. Şeýle konstruksiýada subýekt (eýe) bilen obýekt (doldurgyç) bir sözde jemlenip, sözlemde eýe bolup gelen söz arkaly berilýär. Subýektiň öz üstünde bolup geçýän gymyldy-hereket onuň daşky görnüşindäki, ýagny sypatyndaky, keşbindäki, reňkindäki özgerişler bilen baglanyşykly bolýar. Şeýle hereket ýa-da özgeriş subýektiň beden gurluşynyň belli bir böleginde-de ýüze çykyp bilýär. Meselem: Onuň ýazylyp ýatan gara gaşlary hyýrsyzlandy. Mugallym zeýrendi. Ol bütin göwresi bilen yrandy, ýuwdundy, sakyndy. Ýarnepes rahatlyk bilen gerindi. Aýbölek bezendi. Kirpi düýrüldi. II. Gymyldy-hereketiň subýektiň öz bähbidi üçin edilýändigini aňladýan ýeňiş doldurgyçly (obýektli) özlük dereje. Munda gymyldy-hereketi sözlemiň eýesi (subýektiň) özüniň bähbidi üçin ýerine ýetirýär. Sözlemiň eýesiniň hereketi hetijesinde hasyl bolýan zat (obýekt), hereketiň netijesi hem subýektiň (sözlemiň eýesiniň) özüne degişli bolýar. Özlük derejäniň bu görnüşi diňe geçirýän işliklerden ýasalýar. Şonda geçirýän işligiň yzyna özlük derejesini ýasaýan –n (-yn/-in/-un/-ün) goşulmasy goşulandan soň hem işlik täsirini geçirýär, ýagny geçirýän işlikler öz manysynda galýar. Diýmek, özlük derejäniň bu toparyna ýeňiş düşümdäki doldurgyç baglanyp bilýär. Şonuň üçin özlük derejäniň II toparyna ýeňiş doldurgyçly (obýektli) özlük dereje diýilýär. Meselem: Orazberdi biriniň dutaryny getirinipdir. Obada Anna diýen ýigit tam salynýardy. Jeren köýnek tikindi. Işligiň özlük derejesi bilen gaýdym derejesiniň goşulmalary meňzeşdir. Ýöne bular bir-birinden tapawutlanýarlar. Birinjiden, işligiň özlük derejesinde ýüze çykýan gymyldy-hereket prosesini ýerine ýetirýän şahs sözlemiň eýesi bolup gelýär. Gaýdym derejesinde bolsa hereketi ýerine ýetirýän şahs sözlemde, köplenç, getirilmeýär, getiriläýende-de sözlemiň eýesi bolman, käbir sözsoňular arkaly baglanyp, doldurgyç bolup gelýär. Ikinjiden, Işligiň özlük derejesinde bolup geçýän hereketi sözlemiň eýesiniň özi ýerine ýetirýär ýa-da öz bähbidi üçin ýerine ýetirýär. Işligiň gaýdym derejesinde bolsa gymyldy-hereket umumy bähbitler üçin ýerine ýetirilýär. Şonuň üçin mundaky habar belli bir konkret şahsy aňlatmaýar. Şeýle-de bolsa kä halatlarda –yl/-il/-ul/-ül/-l; -yn/-in/-un/-ün/-n goşulmalary kabul eden sözler sözlemde gelmedik ýagdaýynda bu iki derejäniň haýsyna degişlidigini bilip bolmaýar. Meselem: alynmak, salynmak, çekilmek, saklanmak, aýlanmak, aýrylmak, ýykylmak, sowulmak we ş.m. Şular ýaly işlikler özbaşdak ulanylanda, özlük ýa-da gaýdym derejeleriň haýsyna degişlidigini bilip bolmaýar. Olary diňe sözlemde gelende, aňladýan manysy taýdan kesgitlemek

bolýar. Meselem: Aman yza çekildi. (özlük dereje). Ammara dürli ýükler çekildi (gaýdym dereje). Jeren köýnek alyndy, tikindi. Meret jaý salyndy (özlük dereje). Mekdebe saz gurallary alyndy, onuň üçin taze bina salyndy (gaýdym dereje). Üçünjiden, işligiň gaýdym derejesi diňe geçirýän işliklerden ýasalýar. Işligiň özlük derejesi bolsa geçirýän we geçirmeýän işlikleriň ikisinden hem ýasalýar. Dördünjiden, işligiň gaýdym derejesiniň yzyna ýükletme, özlük derejeleriniň goşulmalary goşulyp bilmeýärler. Işliigiň özlük derejesiniň yzyna bolsa, işlik derejeleriniň hemmesiniň goşulmalary goşulyp bilýär. Işliigiň özlük derejesi, esasan, morfologik ýol bilen hasyl bolýar. Ol bir işiň, gymyldy-hereketiň şol işi ýerine ýetiriji subýektiň özi üçin edilýändigini ýa-da gymyldy-hereket subýektiň öz üstünde bolýandygyny bildirýär. Şeýle hyzmaty ýerine ýetiren işliklere işligiň özlük derejesi diýilýär. Onuň üç hili aňladylyşy bardyr. 1. Işligiň özlük derejesiniň morfologik ýol bilen ýasalyşy. Onuň goşulmalary düýp işligiň yzyna aşakdaky tertipde goşulýarlar: 1. –yn/-in/-un/-ün/-n goşulmasy. Bularyň –yn/-in goşulmasy soňy çekimsiz sese gutaran bir we köp bogunly işiklere goşulýar. Meselem: at-yn, geý-in, getir-in, tap-yn, al-yn, tik-in, ýaz-yn. -un, -ün soňy çekimsiz sese gutaran we düzüminde dodak çekimlisi bolan bir bogunly işliklere goşulýar. Meselem: ýuwun, öw-ün, tut –un, gör- ün, ur-un, ör-ün, -n – soňy çekimli sese gutaran işliklere goşulýar. Meselem: beze-n, güýme-n, gara- n, dara-n 2. -yk/-ik/-uk/-ük goşulmasynyň dereje ýasaýjylygy onçakly işjeň däl . Emma muňa garamazdan, olar goşulan işliklerinden özlük derejä meňzeş many aňlatmaga gatnaşýarlar. Meselem: Gelen ýagy yzyna serpikdi. Oglan bu söze birbada düýrükdi. -al/-el/-l, -lan/-len ýaly asyl ýasaýjy goşulmalar az sanly sözlere goşulyp, özlük derejäniň manysyndaky işlik ýasaýar. Meselem: Ol basym sagalar, öýüne dolanyp barar. Zatlar köpeldi, iş azaldy. Ene pikirlenýardi. Çaga gün-günden akyllanypdyr. Gaýdym derejäni ýasamaga hyzmat edýän ‖–yl/-il/-ul/-ül/-l‖ goşulmalary hem özlük derejäni ýasap bilýär. Olardan ‖yl/-il‖ soňy çekimsiz sese gutaran bir bogunly hem-de köp bogunly işliklere goşulýar. Meselem: Aýsoltan öz hereketini duýman bir ädim gaýra çekildi. alar-yl, gaň-(y)r-yl, gabar-yl, Ol Çary aganyň ýüzüne alarylyp seretdi.Gözel bar güýji bilen okuwa berildi. ‖-ul/-ül' içinde dodak çekimlisi bolan bir bogunly sözlere goşulýar. Meselem: sow-ul, goş-ul, döw-ül, öw-(ü)rül Sona ýapdan sowlup geçdi. ‗-l' çekimsizi soňy çekimli sese gutaran köp bogunly işliklere goşulýar. Meselem: düşe-l, guşa-l Ol onuň boýnuna oraldy. Özlük derejäniň goşulmalary geçirýän işliklere goşulýar, ýöne olaryň käte geçirmeýän işlige

goşulmagy hem bar. Özlük dereje şu hili morfologik ýol bilen aňladylyşyndan başga-da, sintaktik hem-de leksik ýollar bilen hem aňladylýar. 1. Işligiň özlük derejesiniň leksik ýol arkaly berlişi. Işlikleriň birnäçesi dereje ýasaýjy goşulmalary ýa-da başga serişdeleri kabul etmezden, özleriniň asyl görnüşlerinde özlük derejesiniň hyzmatynda ulanylýar. Munda gymyldy-hereket aňladýan işligiň özi leksik manysy boýunça özlük derejede bolýar. Sözüň öz manysyndan hereketiň subýektiň özi üçin edilýändigi, öz üstünde bolýandygy görkezilýär. Meselem: Ol begendi, tisgindi, buýsan, gazan, gönen, guwan, gyjyn, gysgan, jibrin, gomal, zeýren, igen, sakyn, sagyn, tikin, herrel, ynan... 2. Özlük derejäniň sintaktik ýol bilen aňladylyşy. Munda öz sözi gymyldy -hereket aňladýan işlik bilen bile getirilýär. Meselem: Ol saklandy.-Ol özüni saklady. Işligiň özlük derejesi sintaktik ýol bilen aňladylanda, belli bir şekildäki sözleriň türkeşip gelmegi bilen berilýär. Şeýle sözler tirkeşip gelende, özlük derejäniň hyzmatynda gelýär. Şunlukda özlük derejäniň sintaktik ýol arkaly aňladylyşy şu görnüşlerde bolýar: 1. Belli bir ýöňkemede gelen gaýdym çalyşmasy (öz) ýeňiş düşüm bilen üýtgänden soň, yzyndan işiň täsirini geçirýän asyl ýa-da ýasama işlikleriň biriniň gelmegi bilen, ikisi bilelikde özlük derejäniň hyzmatynda ulanylýar. Meselem: Ertir eýmenç bir zat öňüňden çyksa-da, özüňi ýitirmän, şoňa gerekli gaýtawul berersiň (B.K. ‖S. es‖ 12 s). Çeper özüni aklamaga çalyşdy (B.K. ‖S. es‖ 18 s). 2. Käbir düzme işlikleriň aňladýan manysy özlük derejäniň manysyna ýakyn bolýar. Meselem:Ýürek telwas eder göterler serim (Zelili). Yşk ýolun höwes eýläp, Gelen barmy ýaranlar? Şu hili düzme işlikleriň esasy sözüne ‖lan/-len‖ goşulmasyny köplenç ýagdaýda goşup, sada işliklere hem öwrüp bolýar. Meselem: höwes eýläp – höweslen; telwas eder – telwaslan; 3. Bu hili düzme işliklere ýakyn bolan birnäçe söz düzümleri hem özlük derejäniň manysynda ulanylýarlar. Meselem: Başyň goşma gadyr bilmez bezzada, Goşsaň goşgul, aşyň bir asylzada... Bu hili düzme işlikleri: başyňy goşmak – goşulmak, eliňi ýuwmak – ýuwunmak, egne geýmek – geýinmek ýaly sada işliklere hem öwrüp bolýar. Olar täsirini geçirýän we geçirmeýän işliklere öwrülýärler. Özlük derejesiniň aňladýan manylary Özlük derejedäki işlikler işi –gymyldyny subýektiň öz üstünde ýerine ýetirýändigini ýa-da şol hereketi özi üçin, öz bähbidi üçin ýerine ýetirýändigini aňladýarlar. Şol jähtden hem özlük derejedäki işlikler aňladýan manylaryna görä, iki topara bölünýärler: 1.Gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýanyny görkezýän işlikler. 2.Gymyldynyň subýektiň özi üçin edilýänini görkezýän işlikler. a) bu işlikler arkaly

aňladylýan gymyldyny subýekt bolup gelen düşünje öz üstünde ýerine ýetirýär. Munuň ýaly manyda ulanylýan işligiň täsiri başga obýekte geçmeýär. Özlük derejesi gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýanyny görkezip gelende, onuň obýekti-de, subýekti-de bir sözde, ýagny eýe bolup gelen söz arkaly aňladylýar. Meselem: Ol gollaryny giň açyp gerindi, pallady. Nazar, ýaman kän eglendiň-le ? Gymyldynyň subýektiň öz üstünde bolýanyny görkezýän özlük derejedäki subýekt, köplenç, adam bolýar ýa-da hereketi ýerine ýetirmäge ukyply obýekt bolýar. Meselem: Pişik ýuwunýar. At silkinýär. Adam begenýär. b) Gymyldynyň subýektiň özi üçin edilýänini görkezýän işlikler arkaly aňladylýan gymyldyny subýektiň özi ýerine ýetirýär, ol özi üçin, öz bähbidi üçin hereket edýär. Meselem: Ol öý gurundy, at edindi. Öýsüzler wagtlaýynça kümejik gazyndylar. Gymyldynyň subýektiň özi üçin edilýändigini görkezýän işlikler özlük derejedäki beýleki işliklerden semantik taýdan hem tapawutlanýar. Bu hili işlikler geçirýän işliklerden hasyl bolup, ýeňiş düşümdäki sözler bilen baglanyp gelýärler. Meselem: ol jaý salyndy. Jeren elini, ýüzüni ýuwundy. Özlük derejesiniň goşulmalary düzme işliklere hem, tirkeş işliklere hem goşulyp bilýärler. Düzme işlige goşulyşy: 1. Kömekçi işlige goşulmalaryň goşulmagy bilen iş edinmek, umyt edinmek ýaly aňladylýar. 2. Esasy söze goşulmalaryň goşulmagy bilen begenip oturmak, ýygnanyp başlamak ýaly aňladylýar. 3. Tirkeşip gelýän işlikleriň ikisine-de goşulmak bilen aýlanypdolanmak, görnüp-görünmän, oýlanyp-oýlanyp ýaly aňladylýar. Işligiň özlük derejesiniň gaýdym çalyşmaly (öz) ýa-da gaýdym derejesiniň goşulmasy bilen ulanylyşy hem bar. Meselem: gaýdym çalyşmaly dereje ýasaýjyly sen özüňi horlamaly däl Sen horlanmaly däl Gönükme: Işlikleriň derejesini anyklamaly we doly morfologik derňew etmeli. Olar gelende, çaý-nahar iýlip gutarylmandy. Okuwçylaryň arasynda suwda ýüzüşmek boýunça ýaryş geçirildi. Çaý-nahar getirilip, birneme oturylansoň, myhmanyň ýüzi açyldy. Baýram obanyň çetinden jaý salyndy. Döwekçileriň döwen harmanlarynyň sany alty-ýedä ýetenem bolsa, entek olaryň birem atylyp gutarylmandy. Sallançakda ýatan çaga gözüni açandan soň rahatlyk bilen gerindi. Gündogdy durup bilmän, ýuwaşja dillendi. Durmuş kadalaşar. Oturylyşygyň gidişi barada pikir alyşdyk. Belkem, gözýaş edendirler, eňreşendirler. Agyr ýol ikirjiňlendirýärdi. Hak nury şo taýdan çaýylar. Iňlisleriň adamlary hem sümsünişip ýörler.

❖ **IŞLIK DEREJELERINI ÝASAÝJY GOŞULMALARYŇ TIRKEŞIP GELMEGI** Şekil ýasaýjy goşulmalardan tapawutlylykda bir

söze işlik derejelerini ýasaýjy goşulmalaryň birnäçesi goşulyp bilýär. Türkmen dilinde bir işlikde iki, üç, seýrek dört işlik derejesiniň goşulmalary tirkeşip gelip biler. Şeýle çylşyrymly işlik derejeleriniň emele gelmeginiň aýratyn derejeleriň özboluşlylyklary bilen bagly öz kanunalaýyklyklaryna eýedir. (GTÝaz, 253s.) Şeýle işlikleriň ol ýa-da beýleki derejä degişliligi tirkeşip goşulan dereje goşulmalarynyň iň soňkusy boýunça kesgitlenýär. Söze soňky goşulan haýsy derejäniň goşulmasy bolsa, ol söz hem şol derejede hasaplanýar. Emma tirkeşýän goşulmalaryň beýlekileri hem belli bir derejede öz derejelik manysyny saklaýarlar. Esasan, işlik derejeleri aşakdaky ýaly tirkeşýärler. 1. Özlük we ýükletme derejeleri tirkeşip gelýär. Meselem: Aşyryň sowaly Artygy geňirgendirdi, oýlandyrdy. Bu boluş ony gazaplandyrdy. 2. Şäriklik we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi: barlyşdyrmak, gujaklaşdyrmak. 3. Ýükletme we gaýdym derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Işiň depgini art-dyr-yl-ypdy. 4. Ýükletme we gaýdym derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Gaýdym derejäniň goşulmasy beýleki dereje ýasaýjylar bilen örän seýrek utgaşýar. Gaýdym derejäniň goşulmasy ýükletme derejäniň goşulmasy bilen diňe asyl düýp işlik geçirmeýän işliklerden bolanda tirkeşip ulanylyp biler. Meselem: Nahardan soň çaý oturdyndylar, kofe gaýnadyndylar. 5. Bilelik-şäriklik we gaýdym derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Bu zatlar barada eýýäm gepleşildi, işler paýlaşyldy. 6. Özlük we bilelik-şäriklik derejeleriniň gaýtalanyp gelmegi. Meselem: Garrylar derd-in-iş-diler, käýin-iş-di-ler. 7. Ýükletme we bilelik-şäriklik derejesiniň goşulmalarynyň tirkeşip gelmegi. Meselem: Aman Çara bede galdyryşdy. 8. Bilelik-şäriklik, ýükletme we gaýdym derejeleriniň goşulmalarynyň bilelikde gelmegi. Meselem: Doganlar sataşdyryldy. Köne tanyşlar duşuşdyryldy, gürleşdirildi. 9.Ýükletme, gaýdym we bilelik-şäriklik derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Biýaralaryň arasynda uly-uly gawun-garpyzlar düňderilişip ýatyrdy. Çagalar ýumşak düşekleriň üstünde arkan-ýüzin agdarylyşdylar. 10. Özlük, ýükletme we bilelik-şäriklik derejeleriniň tirkeşip gelmegi: Gül doganyna çagalary ýuwundyryşdy, geýindirişdi. 11. Gaýdym, bilelik-şäriklik we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Dawagärleri bar-(y)l-yş-dyrdylar. 12. Özlük, bilelik-şäriklik we ýükletme: derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Sowuk suwa özüni kem-kemden öwrenişdirdi. Ol ýaazan zadyny ddurmuş bilen baglanyşdyrdy. 13. Ýükletme, bilelik-şäriklik we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Alty dostlaryny çagyryp, jaýyny akladyşdyrdy. Satyjy magazinden alnan halylary işgärlere şol

bada maşyna ýükledişdirdi. 14. Özlük, ýükletme we ýükletme derejeleriniň tirkeşip gelmegi. Meselem: Lukman hassanyň haýyna-waýyna bakman, şepagat uýalaryna ýuwundyrtdy, soňra pagta eşiklerden geýindirtdi.